# Jadylanan daglar / gysga roman

Category: Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Jadylanan daglar / gysga roman JADYLANAN DAGLAR




- **Prolog**

Derýanyň boýunda gurlan dar agajynyň daş-töweregi adamdan doly. Mähelle ortada somalyp duran «ölüm desgasyna» ýakyn gelip, jeza beriljek bendäni synlaýar.
Dar agajynyň aşagynda çöke düşüp oturan ýigrimbäş-otuz ýaşlaryndaky ýigidiň pers-ala ýüzünde gan-pet ýok, oňa derek jyýrym-jyýrym bolan ak mytgal köýneginde gara ganlar gatap galypdyr. Ýüzi-gözi persala, görer ýaly bolmasa-da, bu obada ony tanamaýan ýok. Dar agajy adamlara dymmak bilen jeza berýän ýaly, jemende ses-üýnüni çykaryp bilmän dur. Diňe içki pikir-oýlar, oý-pikirler. Kimiň nähili pikir edip, näme

oýlaýandygyny kim bilýär?! Hiç kimiň hiç kimden habary ýok. Emma olaryň hemmesi birmeňzeş pikir-oýlara berlip, dymyp durdylar.
Hortap ýüzüni has-da gaýgyly görkezýän çalsakgal bir daýhan kätmenine ýaplanyp durşuna: «Haý, ýol urdura-a-n-diýip, içini gepledip, daşyndan başyny ýaýkady.-Bu aýdylýan gep çyn bolsa, seniň ýüzüň iki dünýäde hem garadyr».
Mähelläniň içinden ýene biri: «Oba-ilden çykyp, ýitibem gidipdi-le bi»-diýip, gapdalyndakylara seretdi. Emma onuň içinden aýdanyny hiç kim eşidenok.
Yzyrakda duran atýüzli biri: «Dogrudanam, soňky zaman hiç gördüm-bildim diýen ýokdy şuny-diýip, dar agajynyň astynda oturana seredip, bir zady ýadyna salmaga synanyşýan ýaly oýa batdy.-Aý howwa-da, ilden çyksaň it gapar diýenleri-dä…»
Dar agajyndan sallanyp duran syrtmak dag gerşlerinden büdräp-sürşüp gelýän çigrek ýele çalaja hallan atyp, töwerege tukatlyk ýaýradýar. Märekäniň sowuk nazaryndan eginleri üşän bendi derýanyň aňrysynda çalaryp görünýän Garadagyň belent gaýalaryna seredip agyr ýuwdundy. Uludan dem aldy. Göýä garabasmadan oýanyp bilmeýän ýaly.
Äpet göwresindäki güýje bäs gelip bilmän, gazaply ädim urup, dar agajynyň astynda iki ýana aýlanýan jellada hiç kimiň seredesi gelenok. Onuň her bir herekedini sypdyrman synlap duranlaryň biri:
— A-how, bu döwsypat mahluk biziň mergenimizi iki üzüp bir ýalmanda doýýarmy-diýip, aşakky dodagyny dişledi. Şol wagt serbazlaryň topary göründi:
— Hany, ýoldan sowluň, han hezretleriniň kazy-kelanlary gelýär.
Kellesine ýaraşykly edilip selle oralan, egni zerbap donly kazy kelan tesbisini sanamasyny goýman, salykatly ädimläp gelýärdi. Märeke oňa ýol bermek üçin iki ýana serpilýär. Kazy märekäni biperwaý nazaryndan sypdyrman, dar agajynyň gapdalyna geldi. Baýhan töre, salykatly baş atyp onuň bilen salamlaşdy.
Hereket başlandy öýdýän?! Ýasawullar dar agajynyň astynda oturan günäkäriň ezeneginden tutup ýerinden galdyrdylar. Onuň halsyz-mejalsyz göwresi güýz şemalyna titreýän ýaprak ýaly.

Jellat äwmän syrtmak ýüpüniň berkligini barlaşdyryp durşuna üznüksiz ýylgyrýar.
Ahyr hemişe gözleri agyrýan Mätweli kätip garşysynda duran kazy kelanyň ýüzüne ýaltaklap idin sorady. Kazy kelan gara sakalyny sypalap, salykat bilen baş atdy. Ol inçejik sesini süýkdürip, gyssanman dar agajynyň astynda oturanyň «jezanamasyny» okap ugrady:
– Garadag ülkesiniň abraýly adamlarynyň şanyna dag düşürmek maksady birle, onlaryň naçarynyň namysyna tokunmakda aýyplanýan Goçmergen Kadyr ogly, biz seni diniň kämil sütüni bolgan Kuwwa döwletiniň kadalaryna görä, dar agajyna çekip, katyl etmeklikge* pitwa berýäris!
Toplanyp duran mähelläniň içinde ýeňiljek gozganyş başlandy. Gözagyrysyndan ejir çekýän Mätweli kätip agyr ardynjyrap dowam etdi:
– Katyl edilmeziňden aldyn** iň soňky dileg-towakgaň bolsa aýdyp bilersiň!
Ajalyň ýakaňdan tutan sagady, soňky demiňde näme towakga edip bolarka? Öýkenini dolduryp dem aldy, üşeýäni bildirýär. «Ýaş gelniň gyzgyn gujagynda hem şeýle iýniň üşüdip gidipdi. Ýok, ol meniň pinek edip oturan wagtym duýdansyz goýnuma özüni atdy, başymy aýlady, goltugyma girip, müň dürli müşk kokaýan eşiklerini çar-para ýyrtandan soň onuň näme edýändigine düşünip galdym ýa-da düşünmedim. Şol wagt özümiň kimdigimi bildim, ýa-da ol meniň kimdigimi bilip zähresi ýaryldy öýdýän. Ha-ha-ha… Çünki men sypatym şol bir adam bolsa-da indi onuň gözlegläni däldim… Ha-ha-ha».
Kepje sakalynyň düýplerini dyngysyz dyrmalaýan Baýhan töre onuň sowuk gülküside üýşendi. Onuň gülküsi sag adamyň gülküsi däl.
– Haý, bi sähne bolupdyr-a diýip başyny ýaýkady.-Aý howwa-da, ölüm diýenem mojuk zat-da, asyl onuň mojuklygy duýdansyz gelýänliginde diýseňem bolýar.
Kätip sözüni tekrarlady:
– Katyl edilmeziňden aldyn** iň soňky dileg-towakgaňyz bolsa aýdyberiň!
Adamlar Goçmergeniň näme diýjegine ymtylyp, oňa golaý-golaý

süýşdiler. Ol bolsa çişen gabagyny galdyryp bilmän durşuna düýş görýär. Düýş däl, garabasma. Aýsuluw gelniň ýylan deý suwlup, gujagyna girişi, sypap-sermäp özüni oýarşyny häzir düýş ýaly bolup aňynda yşaryp gidýär. Özüniň hem ýaş gelinden kem galman, arslan kibi dalap naçary ýalaňaçlaýşyny ýene ýatlady. Soňra, soňra näme boldy? Soňra Aýsuluw gyz wagtyndaky endigine eýerip, onuň balagynyň çermegine elini sokdy. Ak öýüň içindäki dym-dyrs alagaraňky. Sülük barmaklary bilen bir ýerlerini sypap-sermäp, ony hoş edesi geldi. Şeýdip bar zatlar bulaşdy, kyýamat gopdy.
Bu zatlary ýeke-ýekeden ýadynda geçirip oturşyna ýene biraz salymdan boýnundan ilmeli syrtmaga sowuklaç garap, bir agyz söz bilen soňky dilegini beýan etdi:
– Dostumy göräýsem.
Kazy kelan geň galansyrap gür gaşlaryny gerdi-de:
– Haýsy dostuňy-diýip, jeza berilýäniň ähli dostuny tanaýan ýaly mortarak sowal berdi. Goçmergen:
– Adamyň tenha dosty bolýar-diýip, ýüzüni kese sowdy.
Mätweli kätip şu pursatda hem:
– Adamyň ýalňyz dosty Alladyr-diýip, bilimseklik satdy. Soňam selleli başyny aşak egdi.-Basym dergähine ugrarsyňyz.
Baýhan töre salykatly ýylgyrdy:
-Melgunlaryň mekanyna diýsene. Myň ýalylar jähennemiň düýbine baraýmasa.
Mätweli kätip soňky towakgany takyklamak üçin:
– Onda haýsy dostuňy çagyrmaly?-diýip, ol ýene hetjikläp sorady.
Goçmergen gan-pet galmadyk ýüzüni eňşedip:
– Meni şu güne salan ýekeje dostum bar-diýdi-de, öwhüldäp dem aldy.-Ana, şony göresim gelýär. Oňa bir keleme sözüm bardy.
Adamlar Goçmergeniň gepi kime gyşardýanyny şo bada aňdylar.
Märekeden saýlanyp gaýdan egni ala donly, başy syk oralan ýaşyl selleli inçemik ýigit bendiniň golaýyna bardy-da:
– Menden näme isleýäň, har-ramy-diýip, dişlerinden syzdyryp hyňrandy.
Goçmergen agzyny gyşardyp, göwniýetmezçilik bilen ýylgyrdy:
– He-eeý byradar, maňa beýle agyr gepi diýmezden ötri, beýle

ajy hemle atmazdan aldyn, biraz paýhas et! -diýdi.- Aslynda men harammy ýa seniň?..
– Kes sesiňi, gepleme!- Şiraly mürze onuň sözüni tamamlatmaga goýman azgyryldy.
Goçmergen ysgynsyz ýyrşaryp, bir salym dymdy. Märeke indi näme bolarka diýip, haýran halda olara seredýärdi. Dymyşlygy ýene Goçmergen bozdy:
– Esgi dostlugymyzyň* hakyna men seniň üçin bu töhmeti boýnuma alyp, ýazykly halda ýalançy panydan geçip gidibersemem bolardy…
Baýhan töre bogazyna agram salyp arçyndy-da:
– Bu kişi köp gepläp, adamlary güýmäp dur-diýip, Goçmergene goluny uzatdy.-
Aýtjak zady bolsa eglenmän aýtsa, jellatlar hem işine başlasa.
Goçmergen onuň gepine gulak asman:
– Men bu ýalançy panydan geçip gidibersemem bolardy weli…-diýip, Şiraly mürzä seredip ajy ýylgyrdy.-Emma seni bu iki dilli biwepalaryň penjesinde goýup gidesim gelmedi. Ger gitmeli bolsa, hemmesini açyk-aýdyň edip, onsaň gideýin diýdim…
Şiraly mürze Goçmergeniň säginmän-sakynman, hiç zatdan hedersiz gepläp durşuna haýran galyp, onuň ýene birazajyk geplemegini isledi. Dar astynda oturan bendiniň söbügini depeläp duran jellatlar bolsa onuň soňky towakgasyny tizräk aýtmagyny talap edip gyssaýardylar.
Goçmergen gabat garşysynda duran Şiraly mürzä dikanlap garap:
– Biz ikimiziň Garadagda düşleýän gowagymyz ýadyňdamy!-diýip, oňa ýüzlendi.- Häzir git-de, şol gowagy tap, onsaň gowagyň böwründe ojakbaşynda dagdan daragtyndan ýasalan sandyk bardyr. Bar, şony alyp gel. Şondan soň meni jezalandyryp öldüriň.
Allaniçigsi Şiraly mürze dar agajyna golaýlap:
-Sandykda näme bar-diýip, Goçmergenden gyssanmaç sorady.
Goçmergen kepän dodaklaryny ýalap, agyr ýuwdundy-da:
– Meniň bir agyz geplemäge mejalym ýok-diýip, özüni lampa aşak goýberdi. – Ine, meniň soňky towakgam, bitirseňizem öz işiňiz, bitirmeseňizem. Şiraly mürze, saňa zynharlap aýdýan, men ölümden gorkamok, men eýýäm gezip ýören diri jeset… Diňe saňa

gynanyp durun. Bar git, Garadaga dogry bar, gowagy tap, dagdan agaçdan ýasalan sandygy açyp gör. Oňa deňiç jellatlar maňa golaýlaşmasyn.
Şiraly mürze bir mojuk zat bolandygyny duýup, hiç zat geplemän yzyna okduryldy. Märeke ikä bölünip oňa ýol berdi. Ol bir gyrada duran demir reňkli atyna atlanyp, ilerki Garadaga tarap sozanguýruk gitdi.

***

Ony dar agajyndan asdylar. Ol weli, hiç ölüp bilmän gara heläk. Edil hiňňildik uçýan ýaly dar ýüpünden hallan atyp dur. Iň ýaman ýeri-onuň dardan asylan ýeri bir nätanyş ýerlerdi. Boýnundan halkalanan syrtamkdan sypman, ikiýan ulukjyn kakyp durşuna gözüniň gyýtagy bilen çar ýanyny synlap keýpi bozulýar. Ýedi ýatyp uklanda ýadyna-oýuna düşmejek ýerler, düýbinden ýat-ýala adamlar. Mähelläniň içinde hiç kimi tanap bilenok. Diňe özüne siňe seredip, yzyny üzmän bir zatlar sarnaýan betnyşan kempir birhili tanyş ýaly. Goçmergen ony näler tanajak boldy. Bir ýerlerde gören ýaly-da welim, emma dar agaçdan hallan atyp durşuna hakydasy bulaşýan bolmaly. Bu ýerler ata-babamyňam düýşüne giren ýer däl, ýok, bärde ölmek erbet bolar diýip, içini gepledip hem ýetişdi. Hem bu menden gözüni aýyrman agzyny kümşüldedýän kempir näme boldugyka?!
Soňra şunça wagtlap dardan asylgy duranam bolsa ölmeýändigine geň galdy. Belki şu görmedik ýerlerinde dardan asylany üçin ölüp bilmän azap çekýän bolmagym hem ahmal.
Ýuwaş-ýuwaş Goçmergen boýnuna ýylan kibi oralan ýüpden boşaýan ýaly ýeňillik bilen nepesini durlady. Bu hem hemişeki görýän düýşi, dogrusy düýşünde gidýän ýurdy eken. Goçmergeniň ýaşaýan ülkesi bilen goňşy oturan bir garşydaş ýurt bar. Dogry, bir zaman bu ýurt Goçmergeniň ülkesi bilen garyndaş eken. Indi bolsa garşydaş. Ýöne olaryň arasynda garşy ýatan gara daglar bar. Ol ýurt bolsa şeýle bir kuwwatly güýje eýe, hiç meňzeşi ýok. Oňa huşuňda-ha däl, hatda düýşüňde hem barmak hatarly. Goçmergen muny gowy bilýär. Her kim ol ýurda düýşünde gidip başarmasa-da onuň üçin bu iş aňsat.

Ukudan aýňalyp, gözlerini açandan soň ýene bir gezek düýşünde Kuwwa ýurduna gidendigini duýdy. Ol ýurda düýşüňde gidip hem sag-aman gelmek är işi. Sähel ahmal galsaň ukuda baka göç edýämek mümkin. Goçmergen ýatan ýerinden dikelip oturdy. Bu ýurda düýşde-hyýalda gitmek hem howply bolsa, onda onuň Garadag üçinem bir gorkuly tarapy bardyr.
Goçmergen garaňky gowakda ýatyşyna geçen günki bolan-goýan wakalary hakydasynda aýlady. Daş sekiniň üstüne içmege çolanyp ýatan dostuna nazar aýlap, düýn säher salkynynda aw-şikär diýip obadan çykyp gaýdanlary göz öňüne geldi.

---

*Katyl etmeklik*- ölüm jezasy.*
*Katyl edilmeziňden aldyn*- jezalandyrylmazdan ozal.*
*Esgi dostlugymyzyň*- köne dostlugymyz.*

Dowamy bar >> Romanlar